#195 (217)
среда, 18 сентября 2024 года
Интернет газета
Международные новости
Учредитель — Министерство иностранных дел Туркменистана


# TÜRKMENISTANYŇ MINISTRLER KABINETINIŇ MEJLISI



13-nji sentýabrda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow sanly ulgam arkaly Ministrler Kabinetiniň nobatdaky mejlisini geçirdi. Onuň gün tertibine döwlet durmuşynyň birnäçe möhüm meseleleri girizildi.

Ilki bilen, Mejlisiň Başlygy D.Gulmanowa çykyş edip, milli kanunçylygy kämilleşdirmek boýunça alnyp barylýan işler barada maglumat berdi. Bellenilişi ýaly, häzirki wagtda ýurdumyzda amala aşyrylýan giň möçberli özgertmeleriň hukuk binýadyny berkitmek maksady bilen, kanunçylyk namalarynyň birnäçesine, hususan-da, raýat-hukuk gatnaşyklaryny pugtalandyrmak, administratiw hukuk bozulmalary, salgytlar, awtomobil ulagy bilen baglanyşykly hereket edýän kanunlara üýtgetmeler hem-de goşmaçalar girizilýär. Watanymyzyň mukaddes Garaşsyzlygynyň 33 ýyllygy mynasybetli geçiriljek Halk Maslahatynyň mejlisine taýýarlyk görlüşi barada-da aýdyldy.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow täze kanun taslamalary işlenip taýýarlananda olaryň kämil, döwrebap bolmagyny gazanmagyň zerurdygyny belledi.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary H.Geldimyradow 10-11-nji sentýabrda Aşgabatda geçirilen maýa goýum forumynyň, Türkmenistanyň ykdysadyýetine ýokary tehnologiýalary we innowasiýalary çekmek boýunça halkara maslahatyň we ugurdaş sergileriň netijeleri barada hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, ýurdumyzyň paýtagtynda geçirilen maýa goýum forumynyň döwletimiziň dünýä ýurtlary bilen ykdysady hyzmatdaşlygyny pugtalandyrmaga, täze işewür gatnaşyklary ýola goýmaga, ýurdumyzyň maýa goýum mümkinçilikleri bilen tanyşmaga oňyn şertleri döredendigini belledi.

Soňra Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasarlary B.Amanow, T.Atahallyýew, B.Annamämmedow, B.Atdaýew, M.Mämmedowa degişli ugurlarda alnyp barylýan işler barada hasabat berdiler.

Hormatly Prezidentimiz hasabatlary diňläp, degişli tabşyryklary berdi.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary B.Orazdurdyýewa ýurdumyzyň ýokary okuw mekdeplerinde halkara olimpiadalary we ylmy-amaly maslahatlary geçirmäge görülýän taýýarlyk işleri barada hasabat berdi. Bellenilişi ýaly, Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ylmyň iň soňky gazananlary bilen enjamlaşdyrylan bilim edaralary gurlup ulanmaga berilýär, kämil hünärmenleri taýýarlamak boýunça maksatnamalaýyn işler durmuşa geçirilýär. Ylym-bilim ulgamynda halkara hyzmatdaşlygyň gerimini giňeltmäge ýardam berýän halkara ylmy maslahatlary, sergileri, bäsleşikleri, olimpiadalary geçirmekde oňyn tejribe toplandy.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, ýurdumyzda bilim ulgamyny döwrebaplaşdyrmak, kämil hünärmenleri taýýarlamak boýunça maksatnamalaýyn işleriň durmuşa geçirilýändigini belledi.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary, daşary işler ministri R.Meredow Türkmenistanyň sanly ulgamdaky halkara hyzmatdaşlygyny ösdürmek boýunça ýerine ýetirilýän işler barada hasabat berdi. Şunuň bilen baglylykda, döwlet Baştutanymyzyň garamagyna birnäçe teklipler hödürlenildi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, ýurdumyzda ykdysadyýetiň pudaklaryny döwrebaplaşdyrmakda sanly ulgamyň giňden ornaşdyrylýandygyny belledi. Döwrüň talabyna görä, hyzmatlaryň görnüşleri kämilleşdirilýär hem-de artdyrylýar. Şunuň bilen baglylykda, bu ugurdaky işleri dünýä ülňülerine laýyk alyp barmak üçin halkara tejribäni yzygiderli öwrenmek zerur bolup durýar diýip, döwlet Baştutanymyz aýtdy we wise-premýer, daşary işler ministrine birnäçe anyk tabşyryklary berdi.

Soňra Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Ulag we kommunikasiýalar agentliginiň Baş direktory M.Çakyýew raýat awiasiýasy pudagynyň hünärmenleriniň hünär derejesini ýokarlandyrmak boýunça alnyp barylýan işler barada hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, soňky ýyllarda ýurdumyzyň raýat awiasiýasy pudagynyň barha ösdürilýändigini, täze uçarlaryň yzygiderli satyn alynýandygyny, howa menzillerinde döwrebap şertleriň döredilýändigini, munuň bolsa halkara derejeli hünärmenleri taýýarlamagy talap edýändigini belledi.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Ministrler Kabinetiniň agzalaryna ýüzlenip, «Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» ýylynda «Türkmenistany 2024-nji ýylda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň we maýa goýum Maksatnamasynyň» kabul edilendigini belledi. Maksatnamanyň çäklerinde ýurdumyzy durmuş-ykdysady taýdan ösdürmäge gönükdirilen birnäçe işler alnyp barylýar. Ýakynda bolsa paýtagtymyzda Türkmenistanyň maýa goýum forumy ýokary derejede geçirildi diýip, döwlet Baştutanymyz aýtdy we forumyň netijeleri boýunça seljeriş işlerini geçirip, ähli ugurlar boýunça maýa goýumlary çekmekde hasabatlary taýýarlamagyň möhümdigini nygtady.

Mejlisde döwlet durmuşyna degişli başga-da birnäçe möhüm meselelere garaldy we olar boýunça degişli çözgütler kabul edildi.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Ministrler Kabinetiniň sanly ulgam arkaly geçirilen mejlisini jemläp, oňa gatnaşanlara berk jan saglyk, maşgala abadançylygyny, berkarar Watanymyzyň gülläp ösmegi ugrunda alyp barýan işlerinde uly üstünlikleri arzuw etdi.

# TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI «MERKEZI AZIÝA – GERMANIÝA» FORMATYNDAKY ÝOKARY DEREJELI DUŞUŞYGA GATNAŞDY

2024-nji ýylyň 17-nji sentýabrynda Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedow «Merkezi Aziýa Germaniýa» formatyndaky ýokary derejeli ikinji duşuşygyna gatnaşmak üçin Gazagystan Respublikasyna iş saparyny amala aşyrdy.

Astana şäherinde Türkmenistanyň Prezidentini Gazagystanyň Premýer-ministri Olžas Bektenow we beýleki resmi adamlar mähirli garşyladylar.

Nursultan Nazarbaýew adyndaky Halkara howa menzilinden Prezident Serdar Berdimuhamedowyň awtoulag kerweni ýokary derejeli duşuşygyň geçirilýän ýerine «Garaşsyzlyk» köşgüne tarap ugrady.

Köşgüň eýwanynda Türkmenistanyň döwlet Baştutanyny Gazagystan Respublikasynyň Prezidenti Kasym-Žomart Tokaýew mähirli mübärekledi.

«Merkezi Aziýa Germaniýa» duşuşygyna gatnaşyjy ýurtlaryň Döwlet baýdaklarynyň öňünde bilelikde surata düşmek dabarasyndan soňra, wekiliýetleriň Baştutanlary mejlisler zalyna çagyryldy.

Gazagystan Respublikasynyň Prezidentiniň başlyklyk etmeginde geçirilen sammitiň işine Germaniýa Federatiw Respublikasynyň Federal Kansleri Olaf Şols, Gyrgyz Respublikasynyň Prezidenti Sadyr Žaparow, Täjigistan Respublikasynyň Prezidenti Emomali Rahmon, Özbegistan Respublikasynyň Prezidenti Şawkat Mirziýoýew hem gatnaşdylar.

Gazagystan Respublikasynyň Prezidenti belent mertebeli myhmanlary mübärekläp, sebit kooperasiýasyna gatnaşýandygy we goldawy üçin hoşallyk bildirdi.

Bellenilişi ýaly, ýokary derejedäki dialogyň yzygiderli, ynanyşmak häsiýetine Merkezi Aziýa döwletleriniň we Germaniýanyň sebitleýin strategik hyzmatdaşlygy hemmetaraplaýyn ösdürmäge gyzyklanma bildirýändikleri hökmünde baha berilýär.

Soňra Germaniýanyň Federal Kansleri Olaf Şolsa we Merkezi Aziýa döwletleriniň Baştutanlaryna söz berildi.

Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedow öz çykyşynda Gazagystanyň Prezidentine myhmansöýerlik we işlemek babatda döredilen ajaýyp şertler üçin minnetdarlyk bildirdi.

*(Dowamy 2-nji sahypada).*

## Президент Туркменистана поздравил Президента Мексиканских Соединённых Штатов

Президент Сердар Бердымухамедов направил искренние поздравления и наилучшие пожелания Президенту Мексиканских Соединённых Штатов Андресу Мануэлю Лопесу Обрадору и всему народу страны по случаю Дня независимости Мексиканских Соединённых Штатов.

Пользуясь этой возможностью, глава государства выразил Президенту Андресу Мануэлю Лопесу Обрадору искренние пожелания крепкого здоровья и счастья, а всему народу Мексики – мира, прогресса и процветания.

Интернет газета
Международные новости

# TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI «MERKEZI AZIÝA GERMANIÝA» FORMATYNDAKY ÝOKARY DEREJELI DUŞUŞYGA GATNAŞDY




*(Başlangyjy 1-nji sahypada).*

Prezident Serdar Berdimuhamedow Merkezi Aziýa döwletleri bilen Germaniýanyň gatnaşyklarynyň barşyny we many-mazmunyny häsiýetlendirip, olaryň, aýratyn-da, soňky ýyllarda yzygiderli, netijeli häsiýete eýedigini belläp, hyzmatdaşlygyň tejribesiniň we dälleriniň toplanandygyny, esasan-da, işewürlik ugry boýunça özara bähbitli ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygyň ýola goýlandygyny, birnäçe ugurlar boýunça hökümetara gatnaşyklaryň alnyp barylýandygyny aýtdy.

Nygtalyşy ýaly, Türkmenistan sebitde parahatçylygyň, howpsuzlygyň, durnuklylygyň gazanylmagyny we üpjün edilmegini bilelikdäki işiň möhüm wezipeleri hasaplaýar.

Biz häzirki şertlerde Merkezi Aziýa ýurtlarynyň we Germaniýanyň arasyndaky has ýakyn syýasy-diplomatik gatnaşyklar sebitdäki we oňa goňşy zolaklardaky umumy ýagdaýa oňyn täsir edip biler diýip hasaplaýarys diýip, Prezident Serdar Berdimuhamedow aýtdy. Şeýle hem ýurtlaryň ýolbaşçylarynyň Merkezi Aziýany parahat, asuda, ykdysady taýdan özüne çekiji sebit, durnuklylygyň we açyklygyň giňişligi hökmünde görmek baradaky meýilleriniň umumylygyndan ugur alyp, tagallalary dünýä bileleşigi, ilkinji nobatda, Birleşen Milletler Guramasy arkaly birleşdirmegiň zerurdygyny nygtady.

Türkmenistanyň Prezidenti sebitde parahatçylygyň, howpsuzlygyň möhüm meseleleriniň biri bolan Owganystandaky ýagdaýa degip geçmek bilen, Türkmenistanyň bu ýurtdaky ýagdaýa berýän bahasynyň häzirki wagtda owgan halkynyň agyr we köpýyllyk döwri ýeňip geçmek hem-de ykdysadyýetiň, durmuş ulgamynyň döwlet institutlaryny dikeltmek, sebitde parahatçylygy, ylalaşyklylygy, bitewüligi gazanmak we berkarar etmek boýunça umummilli işe geçmek üçin anyk mümkinçiliginiň peýda bolandygyna esaslanýandygyny aýtdy.

Prezident Serdar Berdimuhamedow Merkezi Aziýa ýurtlarynyň we Germaniýa Federatiw Respublikasynyň hyzmatdaşlygynyň ileri tutulýan ugurlary hökmünde söwda-ykdysady we maýa goýum gatnaşyklaryny belledi hem-de ulag-logistikany, kommunikasiýany, energetikany, senagat önümçiligini, himiýa senagatyny, maşyngurluşygy, saglygy goraýşy we derman senagatyny, obasenagat toplumyny, innowasion tehnologiýalar ulgamyndaky işläp taýýarlamalary hyzmatdaşlygyň esasy ugurlarynyň hatarynda görkezdi.

Bellenilişi ýaly, Germaniýa Federatiw Respublikasy bilen gatnaşyklarda ekologiýa we howanyň üýtgemegi bilen bagly meseleler aýratyn orun eýeleýär. Bu babatda Türkmenistan Germaniýanyň sebitiň ýurtlary bilen hyzmatdaşlyga ygrarlydygyna ýokary baha berýär. Şunuň bilen baglylykda, Prezident Serdar Berdimuhamedow 2020-nji ýylda Berlinde ýokary derejede geçirilen «Ýaşyl Merkezi Aziýa» atly maslahatyň wajypdygyna ünsi çekdi.

Ynsanperwer ulgamdaky hyzmatdaşlyk, adamlaryň arasyndaky gatnaşyklar hemişe döwletara hyzmatdaşlyga oňyn täsir edipdir. Şunuň bilen baglylykda, Merkezi Aziýa bilen Germaniýa Federatiw Respublikasynyň arasynda ýaşlar hyzmatdaşlygyny ösdürmegiň möhümdigi bellenildi.

Çykyşynyň ahyrynda Prezident Serdar Berdimuhamedow Gazagystanyň Prezidentine şu duşuşygyň ýokary derejede guralandygy üçin ýene-de bir gezek minnetdarlyk bildirip, Türkmenistanyň «Merkezi Aziýa Germaniýa» formatynyň çäklerinde ysnyşykly hyzmatdaşlyga taýýardygyny tassyklady.

Duşuşyga gatnaşyjylar Merkezi Aziýa ýurtlarynyň we Germaniýanyň arasyndaky gatnaşyklaryň ýetilen derejesine ýokary baha berip, umumy abadançylygyň, ösüşiň bähbitlerine doly laýyk gelýän hyzmatdaşlygyň köptaraplaýyn formatynyň örän zerurdygyny aýratyn nygtadylar.

# TURKMENISTAN AND GERMANY STAND FOR FURTHER STRENGTHENING OF BILATERAL COOPERATION

On 17 September 2024, President of Turkmenistan Serdar Berdimuhamedov is being on a working visit to Astana, the Republic of Kazakhstan, for participation in the second high-level meeting in the «Central Asia-Germany» format.

During the visit, the President of Turkmenistan had a bilateral meeting with Federal Chancellor of Germany Olaf Scholz.

At the meeting, the sides expressed satisfaction with the opportunity to discuss in person the key issues of constructive interstate cooperation successfully developing on the principles of mutual respect and trust.

The President of Turkmenistan conveyed to the Federal Chancellor of Germany greetings of the National Leader of Turkmen people, Chairman of the Halk Maslahaty Gurbanguly Berdimuhamedov, who stood at the roots of constructive cooperation between Turkmenistan and Germany.

The Head of Turkmenistan expressed confidence that this first bilateral meeting with Federal Chancellor Olaf Scholz in the framework of the «Central Asia-Germany» dialogue will contribute to further strengthening of Turkmen-German relations.

Olaf Scholz also conveyed greetings and best wishes to the National Leader of Turkmen people. He also noted Germany's high attention to further deepening of partnership with Turkmenistan, which has gained high standing and recognition in the international arena due



to the wise policy and progressive initiatives of the state for the sake of global peace, security and sustainable development.

Emphasizing special attention paid to the development and strengthening of bilateral relations with Germany, President Serdar Berdimuhamedov noted with satisfaction that the relations between the two countries are developing on a systematic and long-term basis, based on a strong legal framework with 90 different treaties and agreements.

Noting the systematic nature of the reciprocal Days of Economy, business forums and economic exhibitions, President Serdar Berdimuhamedov noted the role of the Joint Turkmen-German Working Group and the Eastern Committee of the German Economy, which do a lot for the consistent development of interstate cooperation.

* * *

On the same day, the President of Turkmenistan met with representatives of German business circles.

At the meeting, the State Secretary at the Federal Ministry for Economic Affairs and Climate Action Michael Kellner expressed deep interest of the German business circles in expanding cooperation with Turkmenistan in various favorable fields. It was noted that such great attention of the German side rests on both the accumulated positive experience of many years of joint work, as well as the favorable conditions created in Turkmenistan for foreign business.

After warmly welcoming the leadership of major companies and representatives of the German official delegation, President Serdar Berdimuhamedov noted with satisfaction the growing interest to cooperation with Turkmenistan, which is clearly demonstrated by the representative level of the meeting participants.

Renewable energy, transport and communications, chemical and textile industries, agriculture, transition to a «green economy», innovations and technologies were highlighted as priority fields for further development of cooperation.

# ON THE MEETING OF THE CHAIRMAN OF THE HALK MASLAHATY OF TURKMENISTAN WITH THE ACTING HEAD OF THE GOVERNMENT OF AFGHANISTAN



On September 11, 2024, a meeting was held between the National Leader of the Turkmen people, Chairman of the Halk Maslahaty Gurbanguly Berdimuhamedov and the Acting Chairman of the Cabinet of Ministers of Afghanistan Mullah Mohammad Hassan Akhund.

Having thanked the National Leader of the Turkmen people for the hospitality, the Acting Chairman of the Cabinet of Ministers of Afghanistan emphasized the importance of the ongoing historical events in further strengthening cooperation between Afghanistan and Turkmenistan, based on the traditions of good neighborliness.

It was noted that Turkmenistan, being the closest neighbor of Afghanistan, advocates the integration of international efforts to ensure political and economic stability in the friendly country and provides it with ongoing assistance. In this regard, sincere gratitude was expressed to the National Leader of the Turkmen people, as well as to the President of Turkmenistan Serdar Berdimuhamedov for the noble activities in this direction.

The guest emphasized that the centuries-old relations between the Afghan and Turkmen peoples are now reaching a qualitatively new level. In this regard, the opening of a new railway bridge at the Serhetabat-Turgundi railway crossing on the Turkmen-Afghan border, the start of construction of the Serhetabat-Herat gas pipeline and the Serhetabat-Herat fiber-optic communication line, called "Arkadagyň ak ýoly", the construction of a warehouse complex in the dry port of the Turghundi railway station, the start of construction of the Turghundi-Sanabar railway, as well as the commissioning of the Nur-el-Jahad power plant, located in the Herat province of Afghanistan, are of historical significance.

The National Leader of the Turkmen people, Chairman of the Halk Maslahaty of Turkmenistan Gurbanguly Berdimuhamedov, thanked for the kind words and noted that he was glad to see the acting head of the Government of Afghanistan in Turkmenistan.

Relations between the two friendly countries are built on the principles of mutual respect, good neighborliness and brotherhood. This is reflected in the implementation of large-scale joint projects, in particular, in the transport and communications and fuel and energy sectors.

The National Leader of the Turkmen people emphasized that the facilities commissioned and laid on this day open a new page in the history of bilateral cooperation.

In this regard, it was emphasized that the successful implementation of these projects will not only benefit the peoples of the two countries, but will also contribute to the socio-economic development of neighboring states in the region.

During the meeting, which was held in a trusting atmosphere and in a constructive manner, other important issues of bilateral partnership were also discussed.

In conclusion, the National Leader of the Turkmen people, Chairman of the Halk Maslahaty of Turkmenistan Gurbanguly Berdimuhamedov and Acting Chairman of the Cabinet of Ministers of Afghanistan Mullah Mohammad Hassan Akhund exchanged wishes for good health and well-being. Then the parties took part in ceremonies on the occasion of the opening and start of construction of new infrastructure facilities.




# ЭКОНОМИЧЕСКИЕ ПРОЕКТЫ С УЧАСТИЕМ АФГАНИСТАНА ПЕРЕХОДЯТ В ПРАКТИЧЕСКУЮ ПЛОСКОСТЬ

11 сентября 2024 года на туркмено-афганской границе состоялся ряд мероприятий, связанных с практическим осуществлением крупномасштабных энергетических, транспортных и инфраструктурных международных проектов, реализуемых с участием Туркменистана и Афганистана.

В мероприятиях личное участие принял Национальный Лидер туркменского народа, Председатель Халк Маслахаты Гурбангулы Бердымухамедов.

Утром Национальный Лидер туркменского народа прибыл на пограничный пункт «Ислим-Чешме» города Серхетабат Тахтабазарского этрапа Марыйского велаята, где его встретили официальные лица.

Через некоторое время туда же прибыл исполняющий обязанности Председателя Кабинета Министров Афганистана Молла Мохаммед Хасан Ахунд. Согласно добрым туркменским традициям, афганскому гостю были преподнесены хлеб-соль.

Затем в конференц-зале, возведённом на пограничном пункте «Ислим-Чешме», состоялась встреча Председателя Халк Малахаты Гурбангулы Бердымухамедова с исполняющим обязанности Председателя Кабинета Министров Афганистана.

После переговоров прошедших в позитивном ключе, стороны приняли участие в церемонии, посвященной открытию железнодорожного моста стальной магистрали Серхетабат-Тургунди, закладке фундамента газокомпрессорной станции «Şatlyk-1» в Марыйском велаяте, а также запуску строительства участка Серхетабат-Герат, являющегося важным этапом реализации проекта трансначионального газопровода Туркменистан-Афганистан-Пакистан-Индия (ТАПИ) и оптико-волоконной линии связи Серхетабат-Герат, именуемых «Arkadagyň Ak ýoly».

В числе мероприятий также начало работ по строительству складского комплекса в «сухом порту» железнодорожной станции Тургунди и участка Тургунди-Санабар первой очереди железной дороги Тургунди-Герат, а также ввод в эксплуатацию расположенной в афганской провинции Герат электростанции «Nur-el-Jahad» в рамках претворения в жизнь первого этапа проекта линии электропередачи Туркменистан-Афганистан-Пакистан (ТАП).

К участникам торжеств по цифровой системе обратился Президент Туркменистана Сердар Бердымухамедов.

Важно отметить, что Туркменистан принимает активное участие в общих усилиях, направленных на достижение Целей устойчивого развития.

Сегодняшние мероприятия стали ещё одним подтверждением приверженности Туркменистана развитию современной архитектуры энергетической безопасности и устойчивого транспорта для регионального и международного экономического роста.

# TÜRKMENISTANDA WENGRIÝANYŇ ADATDAN DAŞARY WE DOLY YGTYÝARLY ILÇISI IŞE BAŞLADY



2024-nji ýylyň 12-nji sentýabrynda Prezident Serdar Berdimuhamedowyň tabşyrygy boýunça Mejlisiň Başlygy D.Gulmanowa Wengriýanyň Türkmenistanda täze bellenen Adatdan daşary we Doly ygtyýarly Ilçisi Ýožef Rožadan ynanç hatyny kabul etdi.

Milli parlamentiň ýolbaşçysy döwlet Baştutanymyzyň adyndan Ilçini jogapkärli diplomatik wezipä bellenilmegi bilen gutlady we iki ýurduň hem-de olaryň halklarynyň arasyndaky dostlukly gatnaşyklary, hyzmatdaşlygy pugtalandyrmakda netijeli işlemegi arzuw etdi.

Dostlukly döwletiň doly ygtyýarly wekili hoşniýetli sözler we türkmen topragynda bildirilen myhmansöýerlik üçin tüýs ýürekden hoşallyk bildirip, Wengriýanyň Prezidenti Tamaş Şuýokyň mähirli salamyny, Türkmenistanyň ýokary derejeli ýolbaşçylaryna hem-de halkyna bagtyýarlyk, parahatçylyk, abadançylyk baradaky arzuwlaryny ýetirdi.

Duşuşygyň çäklerinde diplomat Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistanyň durmuşa geçirýän oňyn daşary syýasy ugry bilen tanyşdyryldy. Bellenilişi ýaly, Türkmenistan Ýewropa Bileleşiginiň ýurtlary bilen netijeli gatnaşyklary ösdürýär. Bu bolsa ikitaraplaýyn hem köptaraplaýyn görnüşde, şol sanda iri halkara guramalaryň, hususan-da, BMG-niň çäklerinde türkmen-wenger hyzmatdaşlygynyň okgunly ösmegini şertlendirýär.

Mejlisiň Başlygy Türkmenistanyň Prezidentiniň durmuş ugurly döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugurlaryna ünsi çekdi. Munuň özi halkara giňişlikde Türkmenistanyň abraýyny has-da artdyrýar. Özara bähbitli hyzmatdaşlygyň häzirki ýagdaýy we geljegi barada pikir alyşmalaryň dowamynda taraplaryň birnäçe ugurlarda hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de ösdürmäge uly gyzyklanma bildirýändikleri nygtaldy. Şolaryň hatarynda söwda-ykdysady, saglygy goraýyş ulgamlary, oba hojalygy we beýlekiler bar.

Iki ýurduň halklarynyň özara düşünişmegine, ynanyşmagyna ýardam edýän parlamentara hem-de medeni-ynsanperwer gatnaşyklary işjeňleşdirmegiň wajypdygy aýratyn nygtaldy.

Duşuşygyň ahyrynda Wengriýanyň Türkmenistandaky Adatdan daşary we Doly ygtyýarly Ilçisi Ýožef Roža netijeli söhbetdeşlik üçin hoşallyk bildirip, ynanyşmak, birek-birege hormat goýmak ýörelgeleri esasynda ýola goýlan döwletara gatnaşyklary mundan beýläk-de pugtalandyrmak üçin ähli tagallalary etjekdigine ynandyrdy.

# Paýtagtymyzda Dünýä türkmenleriniň ynsanperwer birleşiginiň XXV maslahaty geçirildi

2024-nji ýylyň 14-nji sentýabrynda Türkmenistanyň Jemgyýetçilik guramalarynyň merkezinde Dünýä türkmenleriniň ynsanperwer birleşiginiň XXV maslahaty geçirildi.

Ýurdumyzyň baş baýramy Garaşsyzlyk gününiň öňüsyrasynda geçirilen maslahatyň işine daşary döwletleriň birnäçesinde kowçum bolup ýaşaýan türkmenleriň wekilleri hem-de Diýarymyzyň ähli sebitleriniň wekiliýetleri gatnaşdylar.

Şu gezekki maslahat dünýäniň dürli ýurtlarynda ýaşaýan watandaşlarymyz bilen ýakyn gatnaşyklaryň hem-de olaryň ata Watanymyzda geçirilýän giň gerimli çärelere işjeň gatnaşmagynyň döwletimiz tarapyndan goldanylýandygynyň aýdyň subutnamasy boldy.

Maslahatyň öňüsyrasynda halkymyzyň baý medeni mirasynyň, geçmişiniň we özboluşly däp-dessurlarynyň köpöwüşginligini görkezýän şekillendiriş we amaly-haşam sungatynyň sergisi ýaýbaňlandyryldy.

Soňra Dünýä türkmenleriniň ynsanperwer birleşiginiň XXV maslahaty açyk diýip yglan edildi.



Germaniýadan, Owganystandan, BAE-den, Türkiýeden gelen wekiller DTYB-nyň daşary ýurt bölümleriniň işi barada gürrüň berip, häzirki döwürde Garaşsyz, Bitarap Türkmenistanyň däp bolan dostluk, özara hormat goýmak, hoşniýetli goňşuçylyk gatnaşyklary we dürli ulgamlarda daşary döwletler bilen özara bähbitli hyzmatdaşlygy hemmetaraplaýyn ösdürmekde tagallalaryny görkezýändigini buýsanç bilen bellediler.

Maslahatyň wekiliýet agzalary ata-babalarymyzyň ynsanperwer däplerine çuňňur hormat goýýandyklary, daşary ýurtlarda kowçum bolup ýaşaýan türkmenlere berýän goldaw-kömekleri, şol sanda, birnäçe doganlyk döwletlerde ýurdumyzyň serişdeleriniň hasabyna durmuş maksatly desgalary, hususan-da, mekdepleri gurduryp berýändigi üçin döwlet Baştutanymyza we Gahryman Arkadagymyza çäksiz hoşallyk bildirdiler.

Çykyşlarda ýurdumyzyň çäginden daşarda hem giňden tanalýan abraýly halkara gurama bolan Dünýä türkmenleriniň ynsanperwer birleşiginiň nobatdaky maslahatynyň doganlyk gatnaşyklary we raýdaşlygy berkitmekde, ählumumy parahatçylygyň we gülläp ösüşiň hatyrasyna hyzmatdaşlygy işjeňleşdirmekde uly ähmiýeti boljakdygy bellenildi.

Soňra birleşigiň agzalaryny Hormat hatlary bilen sylaglamak dabarasy geçirildi.

DTYB-nyň XXV maslahatynyň ahyrynda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň adyna Ýüzlenme kabul edildi. Onda gatnaşyjylar döwlet Baştutanymyzy Garaşsyzlygymyzyň 33 ýyllygy bilen gutlap, Watanymyzyň ykdysady kuwwatynyň we halkara abraýynyň pugtalandyrylmagynyň, milletimiziň ruhy taýdan galkynmagynyň hatyrasyna alyp barýan ýadawsyz tagallalary hem-de daşary ýurtlarda kowçum bolup ýaşaýan türkmenleriň alyp barýan işlerine ägirt uly üns berýändigi üçin çuňňur hoşallyk bildirdiler.

# НОВОСТИ МИРА И РЕГИОНА

***Обсуждены актуальные вопросы туркмено-турецкого сотрудничества***

11 сентября 2024 года состоялась встреча Чрезвычайного и Полномочного Посла Туркменистана в Турции Мекана Ишангулыева с заместителем министра иностранных дел Турецкой Республики Бурханеттином Дураном.

В ходе встречи стороны обсудили нынешнее состояние и перспективы развития туркмено-турецких отношений. В рамках состоявшегося обмена мнениями по важнейшим аспектам и ключевым направлениям двустороннего партнерства была констатирована взаимная нацеленность сторон на углубление связей в политико-дипломатической, торгово-экономической и культурно-гуманитарной сферах.

Стороны выразили глубокое удовлетворение темпами развития сотрудничества между Туркменистаном и Турцией, подчеркнув обоюдное стремление к дальнейшему укреплению партнерства в двустороннем и многостороннем форматах.

***Президент Международной федерации гимнастики посетил Туркменистан***

Президент Международной федерации гимнастики (FIG) Моринари Ватанабэ посетил Туркменистан с двухдневным визитом в рамках предпринятой поездки по странам Центральной Азии. В ходе пребывания в туркменской столице главу FIG сопровождали президент Азиатского союза гимнастики (AGU) Абдулрахман Бен Саад Аль-Шатри и вице-президент AGU Тимур Абдувалиев.

Целью визита высокопоставленных гостей стало укрепление сотрудничества в развитии гимнастических видов спорта в Туркменистане.

В рамках программы пребывания в Ашхабаде руководители международных гимнастических организаций встретились с заместителем Председателя Кабинета Министров Б.Ораздурдыевой. В ходе встречи, в которой также приняли участие председатель Государственного комитета по физкультуре и спорту А.Сапаров и генеральный секретарь Национального олимпийского комитета Туркменистана А.Акмаммедов, стороны обсудили перспективы развития гимнастики в стране.

***Материалы подготовлены на основе интернет-источников.***